GARAŞSYZ, BAKY BITARAP WATANYMYZA, MÄHRIBAN HALKYMYZA, TÜRKMENISTANYŇ HORMATLY PREZIDENTINE—
TÜRKMENISTANYŇ ÝARAGLY GÜÝÇLERINIŇ BELENT SERKERDEBAŞYSYNA GULLUK EDÝÄRIN!

# ESGER

ESASLANDYRYJYSY—TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Dünýäde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwlet—bu biziň ata Watanymyz—eziz Türkmenistandyr!

Gazet 1993-nji ýylyň 6-njy martyndan bäri çykýar. • № 4 (1712) • 2026-njy ýylyň 22-nji ýanwary • Penşenbe




## NEBITGAZ TOPLUMY ÖSÜŞLERI NAZARLAÝAR

*Ýurdumyzda Garaşsyzlyk ýyllarynda nebitgaz senagatyny ösdürmek, türkmen tebigy gazyny halkara bazarlara diwersifikasiýa ýoly bilen ibermek boýunça ägirt uly işler amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda döwletimiz tarapyndan durmuşa geçirilýän energetika strategiýasyna laýyklykda, ýurdumyzyň uglewodorod serişdelerini halkymyzyň bähbidine gönükdirmek babatda alnyp barylýan işler oňyn netijesini berýär. Uglewodorod serişdeleriniň ägirt uly gorlaryna eýe bolan Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumynda halkara hyzmatdaşlyk işjeň, oýlanyşykly we maksada okgunly ýagdaýda ösdürilýär.*

Häzirki döwürde energetika ulgamynyň ösüş ýoly ýurtlaryň syýasy we ykdysady bähbitleri, durnuklylygyň üpjün edilmegi, ekologiýa meseleleriň çözülmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ählumumy energetika ulgamy energiýa üpjünçiliginiň bütindünýä toruny, bu ugurdaky halkara gatnaşyklary özgerdýän täze meýilleriň, sanly çözgütleriň täsiri bilen yzygiderli ösüşe eýe bolýar. Soňky ýyllarda Türkmenistanyň ýangyç-energetika ulgamynda sebit we dünýä energetika howpsuzlygynyň berkidilmeginde uly orny eýeleýän iri taslamalaryň amala aşyrylandygyny bellemek gerek. Munuň üçin ygtybarly, durnukly energiýa üpjünçiligi, energiýa çeşmeleriniň diwersifikasiýalaşdyrylmagy, parnik gazlarynyň zyňyndylarynyň azaldylmagy, gaýtadan dikeldilýän energetikanyň ösdürilmegi, energiýa netijeliliginiň ýokarlandyrylmagy zerurdyr.

Mälim bolşy ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan başy başlanyp, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän ýurdumyzyň energetika syýasaty nebitgaz senagatynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine, onuň halkara energetika ulgamyna yzygiderli goşulyşmagyna, energiýa serişdelerini gazyp almagyň we ulanmagyň has netijeli, ekologik taýdan arassa usullaryny işläp taýýarlamagy göz öňünde tutýan täze tehnologiýalaryň döredilmegine gönükdirilendir. Türkmenistan uglewodorod serişdeleriniň baý gorlaryna eýe bolmak bilen, energiýa serişdeleriniň iberilýän ugurlaryny ep-esli artdyrmagy maksat edinýär. Şunuň bilen baglylykda, pudagyň ägirt uly mümkinçilikleriniň netijeli peýdalanylmagy, türkmen tebigy gazynyň daşarky bazarlara iberilmegi, Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda täze infrastruktura taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi, halkymyzyň abadan durmuşynyň üpjün edilmegi ýurdumyzyň energetika strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar.

Häzirki wagtda dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi energiýanyň sarp edilişiniň artmagy bilen baglanyşyklydyr. Şunuň bilen baglylykda, daşky gurşawa ýetirilýän zyýanyň öňüni alýan az çykdajyly energiýa serişdelerini öndürmäge bolan çemeleşme uly gyzyklanma eýe bolýar. Türkmenistan dünýä bileleşiginiň ünsüni energetika howpsuzlygyna çekmek arkaly soňky ýyllarda daşary ýurt kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygy işjeň ösdürip, anyk maksatlara gönükdirilen halkara hyzmatdaşlygyny yzygiderli pugtalandyrýar.

Özara bähbitlilik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleri esasynda sebitdäki ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklaryň ösdürilmegi döwletimiziň energetika strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Geçen ýylyň oktýabr aýynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçiriji taslamasynyň wajyp bölegi bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat — Hyrat gaz geçirijisiniň Owganystanyň çäginde alnyp barylýan gurluşyk işleriniň barşy bilen tanyşmagy we onuň nobatdaky tapgyryna ak pata bermegi hem munuň şeýledigini aýdyň görkezdi.

Ýurdumyzy innowasion esasda senagatlaşdyrmak, milli ykdysadyýetimizi sanlylaşdyrmak, importyň ornuny tutýan önümçilik ulgamynda wezipeleri çözmek, Watanymyzyň eksport kuwwatyny artdyrmak boýunça durmuşa geçirilýän strategiýada ýangyç-energetika toplumyna möhüm orun degişlidir. Türkmenistanda bu pudakda amala aşyrylýan iri taslamalar diňe bir ykdysady ähmiýete eýe bolman, eýsem, sebit we ählumumy energetika howpsuzlygyny pugtalandyrmakda hem möhüm wezipäni ýerine ýetirýär.

Goý, nebitgaz senagatyny ösdürmekde, türkmen tebigy gazyny halkara bazarlara diwersifikasiýa ýoly bilen ibermekde ägirt uly işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

***«Esger».***

## BILIMLI NESIL — RÖWŞEN GELJEGIMIZ

*Dünýä döräli bäri adamzat äleme, onuň täsinliklerine akyl ýetirmek üçin ençeme ylmy açyşlary, oýlap tapyşlary amala aşyrdy. Bilim — tükeniksiz hazyna diýlişi ýaly, häzirki döwürde hem ylmyň-bilimiň çägi barha giňeýär, sanly ulgamyň, emeli aňyň mümkinçilikleri yzygiderli ösýär. Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyny tassyklamak hakynda» Karara gol çekmegi hem Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe döwletimiziň bilim ulgamyny meýilnamalaýyn esasda kämilleşdirmek ugrunda durmuşa geçirilýän işleri doly aýdyňlygy bilen görkezýär.*

Şöhratly taryhynyň dowamynda milletimiz 70-den gowrak döwleti berkarar edipdir. Bu döwletleriň ählisinde hem ylma, bilime aýratyn sarpa goýlupdyr, alymlara ylym bilen meşgullanmak üçin ähli mümkinçilikler döredilipdir. Taryhy maglumatlara ýüzlensek, Seljuklar döwründe Alp Arslanyň, soňra Mälik şanyň weziri bolan Nyzam al-Mülküň tagallalary bilen açylan «Nyzamyýe» atly medreseler hereket edipdir. Şeýle ylym ojaklarynyň gurulmagyna şol döwürde döwlet tarapyndan uly goldaw berlipdir. Bu medreseleriň düzümine okuw otaglaryndan başga, umumyýaşaýyş jaýy, kitaphana, dynç alyş otaglary, hammam, metjit, hassahana hem giripdir. Soltan Sanjaryň döwründe gülläp ösen Merw şäheriniň kitaphanalary hem uly meşhurlyk gazanypdyr.

Köneürgenç şäheri hem ylmyň ojagy hasaplanylypdyr. Bu ýerde dünýä belli alymlar zähmet çekipdirler. Alymlaryň pikirine görä, orta asyrlarda Gürgençde Atsyz, Il Arslan, Soltan Tekeş ýaly ylma sarpa goýan hökümdarlaryň, Reşideddin Watwat, şeýh Nejmeddin Kubra, ymam Şyhabeddin al Hywaky ýaly akyldarlaryň hem kitaphanalary bolupdyr. Kitaphanalar, esasan, metjitdir medreselerde ýerleşipdir. Bu barada Gahryman Arkadagymyz «Türkmen medeniýeti» atly kitabynda: «Köneürgençde ylym-bilimiň ösüşine-de aýratyn ähmiýet berlip, bu ruhy-medeni ojak ady dünýä dolan akademiýalary, medreseleri, baý kitaphanalary bilen şöhratlanypdyr. Sahawatly toprakda beýik alymlar, şahyrlar, müneçjimler, pirler-danyşmentler ýaşap geçipdirler we dünýä belli eserlerini döredipdirler» diýip jaýdar belleýär.

Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynda: «Halk arasynda aýdylýan şeýle bir pähim bar: «Bir ýyl öňüňi görjek bolsaň, däne ýetişdir. On ýyl öňüňi görjek bolsaň, bag ýetişdir. Ýüz ýyl öňüňi görjek bolsaň, terbiýeli nesil ýetişdir» diýip nesil terbiýesi barada aýratyn belleýär. Bilimiň özeni hem terbiýe bilen berk baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda döwrüň talabyna laýyk, giň dünýägaraýyşly, edep-terbiýeli, kämil bilimli nesli terbiýeläp ýetişdirmek bolsa Seljuk türkmenleriniň imperiýasy, Köneürgenç türkmen döwleti, Osman imperiýasy ýaly beýik jahanşalyklaryň mirasdüşeri bolan döwletimiziň ýaşlar baradaky syýasatynyň esasy ugrudyr.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz häzirki döwürde döwletimiziň milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça öňde duran wezipelere üns çekmek bilen: «Ýurdumyzda bilim ulgamyny dünýä ülňülerine, umumy ykrar edilen halkara kadalara we öňdebaryjy tejribelere laýyk kämilleşdirmek, ýaş nesillerimizi milli hem-de umumadamzat gymmatlyklarynyň esasynda terbiýelemek, olara döwrebap bilim bermek biziň alyp barýan bilim syýasatymyzyň baş maksadydyr» diýip nygtaýar. Ýurdumyzda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli bilim ulgamyny kämilleşdirmäge, berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmaga, şonuň netijesinde-de öz hünäriniň hakyky eýesi bolan ýaş nesilleri terbiýeläp ýetişdirmäge aýratyn üns berilýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda paýtagtymyzda we welaýatlarymyzda döwrebap ýokary okuw, ýörite orta hünär we orta mekdepleriň birnäçesiniň yzygiderli gurlup ulanylmaga berilmegi hem munuň aýdyň subutnamasydyr. Geçen ýyl 1-nji sentýabr — Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli ýurdumyzda Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň açylmagy, Mary şäherinde Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň täze goşmaça okuw binasynyň, umumyýaşaýyş jaýynyň, sport desgasynyň ulanmaga berilmegi-de ýokary bilim edaralarynyň işini kämilleşdirmek boýunça ägirt uly işleriň durmuşa geçirilýändigini aýdyňlygy bilen tassyklaýar. Şeýle-de häzirki wagtda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlarynyň gurluşygy dowam edýär.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanylýar. Olaryň resmi web saýtlarynda bilim ojagynyň düzümi, bilim maksatnamalary we platformalary, fakultetler, hünärler barada giňişleýin maglumatlar, dalaşgärler üçin habarlar ýerleşdirilýär. Milli reýting ulgamynyň döredilmegi, Milli reýtingiň sanly portalynyň işe girizilmegi ýokary bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmakda möhüm ähmiýete eýedir. Bu gurallar bilimiň hiliniň obýektiw we açyk bahalandyrylmagyny üpjün edýär, ýokary okuw mekdepleriniň arasynda bäsleşikli gurşawy döredip, olary yzygiderli ösdürmäge, alyp barýan işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmaga, okuw maksatnamalaryny, ylmy-barlag işlerini kämilleşdirmäge höweslendirýär.

Ýurdumyz bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny hem yzygiderli ilerledýär. Daşary ýurtlaryň öňdebaryjy uniwersitetleri, ylmy-barlag merkezleri, akademiki guramalar, şol sanda bilelikdäki taslamalar durmuşa geçirilýän BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Çagalar gaznasy, Ilat gaznasy, ÝUNESKO ýaly ýöriteleşdirilen edaralar bilen hyzmatdaşlygymyz pugtalandyrylýar. Türkmen ýaşlary dünýäniň ençeme abraýly ýokary okuw mekdeplerinde ylym-bilim alýarlar. Geçen ýyl hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa Sukuba uniwersitetiniň hormatly doktory akademiki derejesiniň berilmegi hem halkara akademiki bileleşik tarapyndan Türkmenistanyň bilimiň, ylmyň we halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine goşýan goşandynyň ykrar edilýändigini subut edip, ýurdumyzyň ählumumy bilim dialogynda uly orun eýeleýändigini tassyklaýar.

Umuman, häzirki wagtda döwletimizde alnyp barylýan işler, durmuşa geçirilýän taslamalar Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýylynda hem bilim ulgamynda belent sepgitlere ýetiljekdigini aýdyňlygy bilen görkezýär.

Goý, ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamyny has-da kämilleşdirmek ugrunda taýsyz tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

***Ýörite habarçymyz.***

## DÖWLET SYÝASATYNYŇ MÖHÜM UGRY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaş nesli watansöýüjiligiň we ynsanperwerligiň belent ruhunda terbiýelemek möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Ýurdumyzda ýaşlaryň bilim almaklary, ylym bilen meşgullanmaklary, zähmet çekmekleri üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Häzirki wagtda giň gözýetimli, täzeçe pikirlenmegi başarýan, ýurdumyzy ösdürmäge goşant goşýan ýaşlary terbiýelemek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hasaplanýar.

Döwlet Baştutanymyzyň: «Häzirki döwürde ýaşlarymyzyň döwrebap hünärleri ele almagyna, nazary bilimlerini kämilleşdirmegine, amaly endiklerini ýokarlandyrmagyna, sanly tehnologiýalary özleşdirmegine, täze ylmy taglymatlary, öňdebaryjy barlaglary we tehnologik tejribeleri öwrenmegine ýardam bermek biziň esasy wezipelerimiziň biridir» diýip nygtamagy, ýurdumyzda ýaşlaryň jemgyýetçilik durmuşyna işjeň gatnaşmagy üçin ähli durmuş-ykdysady şertleriň döredilýändigini, olara uly ynam bildirilýändigini tassyklaýar.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» ylym, tehnika we innowasion ösüş babatda kesgitlenen derwaýys wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy, bu ugurda ýokary derejeli ýaş hünärmenleri taýýarlamaga uly mümkinçilikleri döredýär. Häzirki wagtda ýaşlaryň hukuklaryny üpjün etmek babatda döredilýän zerur şertler milli kanunçylygymyzda öz beýanyny tapýar. Türkmenistanyň kanunçylygy ýaşlaryň durmuş-ykdysady we syýasy hukuklaryny doly kepillendirýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 40-njy maddasyndaky: «Döwlet ýaşlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň amala aşyrylmagy üçin şertleri döredýär we olaryň hemmetaraplaýyn ösüşine ýardam edýär» diýen sözler hem ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynda ýaşlar baradaky aladanyň möhüm häsiýetini alamatlandyrýar. Şeýle hem dürli ýyllarda «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda», «Ylmy intellektual eýeçilik hakynda», «Ylmy işgäriň hukuk ýagdaýy hakynda», «Ylmy edaralar hakynda», «Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakynda», «Innowasiýa işi hakynda», «Ylmy-tehnologiýa parklary hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň kabul edilmegi bilen döwletimizde ylmyň ygtybarly hukuk esasy döredildi. Bu resminamalar Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň ylmy-barlag edaralaryny maliýeleşdirmekde, ylmy institutlaryň hukuk ýagdaýyny, maksatlaryny, wezipelerini, ygtyýarlyklaryny, olaryň görnüşlerini, ylmy edaralaryň işleriniň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagyny kesgitlemekde, ylmy işgärleriň hukuklaryny goramakda möhüm ähmiýete eýedir.

***(Dowamy 2-nji sahypada).***

GARAŞSYZ,
BAKY BITARAP TÜRKMENISTAN —



Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gurbanguly Berdimuhamedowyň garamagyna toplumy döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler hakynda maglumat berýän şekil taslamalary, binalaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary görkezildi. Bellenilişi ýaly, häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy esasynda toplumyň binalaryny döwrebaplaşdyrmak, onuň tutuş çägini abadanlaşdyrmak işleri tassyklanan meýilnama laýyklykda güýçli depginde dowam edýär. Hususan-da, Ahalteke we surat eserlerini synlap, olaryň arasyndan bezeg serişdeleri bilen bir bitewi sazlaşygy emele getirýänlerini saýlap almagyň wajypdygyna ünsi çekdi. Soňra toplumyň binalaryny döwrebaplaşdyrmak we onuň çäklerini abadanlaşdyrmak işleri ynanylan kompaniýanyň wekili hormatly Prezidentimiziň tabşyrygyna laýyklykda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy we toplumyň çäklerinde ýerleşdirilmegi meýilleşdirilýän at heýkelleriniň görnüşleri barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, bu babatda bilen baglanyşykly meseleler döwletimiziň hemişelik üns merkezinde saklanýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy toý-baýramlaryň bezegine öwrülen bedewleriň halkymyzyň durmuşynda möhüm orun eýeleýändigini aýdyp, merdana pederlerimiziň, hünärine yhlas edýän seýisleriň tagallasy bilen dünýäde deňi-taýy bolmadyk ahalteke bedewleriniň ösdürilip ýetişdirilýändigini belledi. «Häzirki döwürde dürli ýurtlarda ahalteke bedewlerini saklaýan we ösdürip ýetişdirýän jemgyýetleriň,

# TÜRKMEN HALKYNYŇ BUÝSANJYNA ÖWRÜLEN BEHIŞDI BEDEWLER

*17-nji ýanwarda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Köpetdagyň etegindäki gözel künjekleriň birinde ýerleşýän Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynda bolup, bu ýerde Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň şanly wakalarynyň birine öwrüljek Türkmen bedewiniň milli baýramyna görülýän taýýarlyk işleri bilen tanyşdy.*

atçylyk toplumyna barýan ýoly döwrebaplaşdyrmak, onuň ugrunda ýol belgilerini, degişli şekilleri ýerleşdirmek işleri, yşyklandyryş ulgamynyň aýratynlyklary we ýol gurluşygynyň häzirki zaman usullary barada maglumat berildi.

Gahryman Arkadagymyz görkezilen şekil taslamalaryny synlap, olara birnäçe belliklerini aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. «Ýol gurluşygynda ösen tejribeleriň ulanylmagyna, ýoluň gönüligine, tekizligine aýratyn ähmiýet berilmelidir. Şol bir wagtyň özünde ýoluň yşyklandyryş ulgamynyň döredilmeginde döwrebap usullar ulanylmalydyr. Ýol ýakalarynda ekilýän baglar bu künjegiň ekologik derejesiniň has-da gowulanmagyna oňyn täsirini ýetirmelidir» diýip, Milli Liderimiz belledi we bu babatda degişli ýolbaşçylara maslahatlaryny berdi. Şeýle hem toplumyň binalarynyň içinde ýerleşdiriljek bedewleriň heýkelleriniň görnüşleri, otaglaryň bezeginde ulanylmagy meýilleşdirilýän surat eserleri görkezildi.

Halk Maslahatynyň Başlygy binalaryň, otaglaryň içiniň bezeg işleri ýerine ýetirilende, reňkleriň sazlaşygyna uly üns berilmelidigini aýtdy hem-de görkezilen heýkelleri ýurdumyzyň degişli düzümleriniň wekilleri bilen utgaşykly işler amala aşyrylýar.

Gahryman Arkadagymyz bedew heýkelleri we toplumyň binalarynyň bezeginde ulanyljak serişdeler bilen tanşyp, olara birnäçe belliklerini aýtdy. Şunda milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesi utgaşdyrylmalydyr. Ýerine ýetirilýän işlerde türkmen halkynyň buýsanjyna öwrülen behişdi bedewlere bolan ählihalk söýgüsi öz beýanyny tapmalydyr. Milli Liderimiz Türkmen bedewiniň milli baýramyna görülýän taýýarlygyň çäklerinde şanly senäniň meýilnamasynyň taýýarlanylmalydygyny we ony hormatly Prezidentimiziň garamagyna hödürläp, döwlet Baştutanymyzyň meýilnamany tassyklan halatynda, toý-dabaralary şu ýylyň şygaryna laýyklykda ýokary derejede geçirmek meselelerine toplumlaýyn esasda çemeleşilmelidigini aýtdy.

Mälim bolşy ýaly, ahalteke bedewlerine aýratyn gadyr goýýan Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan işlerini Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň üstünlikli durmuşa geçirmegi netijesinde ýurdumyzda atçylyk sportuny ösdürmek, arassa ganly ahalteke bedewleriniň baş sanyny artdyrmak, olaryň dünýädäki şöhratyny has-da belende götermek merkezleriň sany az däl. Ýöne iň arassa ganly bedewler ahalteke atlarynyň asyl mekany bolan türkmen topragynda bar» diýip, Gahryman Arkadagymyz sözüni dowam etdi. Munuň şeýle bolmagynda sahawatly türkmen topragynyň we zähmetsöýer halkymyzyň milli ruhunyň täsirine aýratyn orun degişlidir. Häzirki döwürde ýurdumyzyň dürli künjeklerinde gurlup ulanmaga berlen atçylyk toplumlary, aýlawlary, ahalteke bedewleriniň arassa ganlylygyny gorap saklamak, olaryň baş sanyny artdyrmak, bedewleri çapyşyklara taýýarlamak ugrunda alnyp barylýan işler ýokary halkara görkezijilere laýyk gelýär. «Döwrebap atçylyk toplumlaryny netijeli ulanmak möhüm wezipedir. Bu bolsa türkmen halkynyň dünýä beren milli gymmatlygyna belent sarpa goýulýandygyny, halkymyzyň bilelikdäki tagallalary bilen ägirt uly işleriň amala aşyrylýandygyny görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen paýhasly jümlesinde çuňňur many bar. Munuň özi halk bilen döwletiň bitewüliginiň aýdyň nyşanydyr» diýip, Gahryman Arkadagymyz nygtady.

**«Esger».**

# DÖWLET SYÝASATYNYŇ MÖHÜM UGRY

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

Hormatly Prezidentimiziň ylmy-intellektual başlangyçlary esasynda ýurdumyzda ylmy-barlaglaryň, innowasion tehnologiýalaryň netijeliligini ýokarlandyrmak, innowasiýa işini, tebigy we takyk, durmuş-ynsanperwer ylymlary ösdürmek, ylmy işgärleri taýýarlamak, milli medeni mirasy ylmy taýdan öwrenmek we wagyz etmek boýunça taslamalaryň birnäçesi durmuşa geçirilýär. Şeýle-de energiýany tygşytlamak, seýsmiki taýdan howply zolaklarda töwekgelçiligi peseltmek, ylym ulgamyny sanlylaşdyrmak, himiýa ylmyny toplumlaýyn ösdürmek ýaly möhüm wezipeleriň berjaý edilmegini maksat edinýän gysga hem-de uzak möhletleýin, milli we halkara derejedäki döwlet maksatnamalary amala aşyrylýar.

Ýaş nesliň döwrebap bilim almagy, milli ruhda terbiýelenmegi, döredijilik ukyplarynyň kämilleşdirilmegi, saýlap alan hünärlerine eýe bolmaklary, ylym bilen meşgullanmaklary üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

***Daýanç ANNADURDYÝEW,***
***Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri.***

# BILIMLI ÝAŞLAR — WATANYŇ DAÝANJY

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaşlar hakynda edýän bimöçber aladalaryna, döredip berýän ägirt uly mümkinçiliklerine jogap edip, bilim başarnygy we erjelligi bilen tapawutlanýan harby talyplaryň ençemesi Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Raýat goranyşy fakultetinde-de ýokary bilim alýar.

Merdana ata-babalarymyzyň gahrymançylykly ýörelgelerinden ruhlanyp, her demini mukaddes Watanyň ýürek urgusyna sazlamagy başarýan harby talyplaryň birnäçesi golaýda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilen ders bäsleşiklerinde üstünlikli çykyş edip, baýrakly orunlary eýeläp, Hormat hatlarydyr diplomlara we ýadygärlik sowgatlara mynasyp boldy. Fakultetiň ýol-gurluşyk işlerinde raýat goranyşy hünäriniň 3-nji ýyl harby talyby Şagylyç Baýramow Bilim ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilen döwlet bäsleşiginde 2-nji orny eýeledi. Şeýle hem harby talyplar Taňryberdi Öwezgylyjow, Serdar Etrekow dagy Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti tarapyndan ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda iňlis dilinde düzme ýazmak boýunça geçirilen bäsleşikde baýrakly orunlara mynasyp boldular. Bu gazanylan üstünlikler Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Raýat goranyşy fakultetiniň serkerde-mugallymlary we harby talyplary üçin uly abraýdyr. Şeýle oňyn netijeleriň gazanylmagy täze açylan fakultetde bilim babatynda gysga wagtyň içinde dünýä ylmynda gazanylan täze innowasiýalary, sanly we nanotehnologiýalary çuňňur öwrenip, ýurdumyzda bilimiň hilini ýokary derejelere çykarmakda netijeli işleriň alnyp barylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.



***Döwletýar ALLOWOW,***
***Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Raýat goranyşy fakultetiniň mugallymy, uly leýtenant.***

# DERS BÄSLEŞIGINIŇ ÝEŇIJILERI

Golaýda TGM-niň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň Diller kafedrasynyň guramagynda Watan goragçylarynyň güni mynasybetli harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýokary okuw mekdepleriniň harby talyplarynyň arasynda daşary ýurt dilleri boýunça bäsleşik geçirildi. Bäsleşik iňlis we rus dilleri dersleri boýunça geçirilip, onuň dowamynda harby talyplar test we kompýuter-lingafon toplumynda berlen ýumuşlary ýerine ýetirdiler. Şeýlelikde, bäsleşigiň netijesi boýunça iňlis dili dersi boýunça Harby institutyň 4-nji ýyl harby talyby Begenç Serdarow 1-nji, rus dili dersi boýunça 5-nji ýyl harby talyby Arslan Permanow 2-nji orna mynasyp boldular. Bäsleşigiň ahyrynda ýeňijiler degişli diplomlar we ýadygärlik sowgatlar bilen sylaglandylar.



Şol gün şeýle-de daşary ýurt dillerini okadýan mugallymlaryň okuw-usuly maslahaty guraldy. Maslahatda iňlis we rus dilleri mugallymlary okatmagyň häzirki zaman usulyýeti, harby we hukuk goraýjylar üçin daşary ýurt dillerini okatmagyň aýratynlyklary, dil öwretmekde maglumat-aragatnaşyk serişdeleriniň orny barada çykyş edip, özara tejribe alyşdylar.

***Rejep HABILOW,***
***TGM-niň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň Diller kafedrasynyň uly mugallymy.***

# GOŞUNYŇ GÜNDELIK DURMUŞY

## TALABALAÝYK TAÝÝARLYK

Maýor Berdimuhammet Gurbanmuhammedowyň serkerdelik edýän harby bölüminde täze okuw möwsümine taýýarlyk işleri ýokary guramaçylyk derejesinde amala aşyryldy. Taýýarlyga harby gullukçylar öz wezipelerine laýyklykda işjeň gatnaşdylar. Aýratyn hem okuw-maddy gorunyň baýlaşdyrylmagy, harby gullugyň howpsuzlygyny üpjün etmek we goşun gullugynyň ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça geçirilen görkezme sapaklary harby gullukçylarda uly täsir galdyrdy.

***Begnazar SAZAKOW,***
***maýor.***

## SYNAGLAR ÜSTÜNLIKLI GEÇDI

Ýakynda polkownik Amangeldi Berdiýewiň ýolbaşçylyk edýän garnizonyndaky maýor Azat Orazdurdyýewiň serkerdelik edýän harby bölüminde 2025-nji ýylyň 2-nji okuw möwsüminiň jemleri jemlenildi. Okuw möwsüminiň jemleri boýunça harby bölümiň ähli derejedäki harby gullukçylaryndan söweşjeň, beden, nyzam taýýarlyklaryndan we Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň düzgünnamalaryndan synaglar kabul edildi. Synaglara harby gullukçylar ýokary derejede gatnaşdylar we gowy bahalara mynasyp boldular.

***Pena ALLABERDIÝEW,***
***maýor.***

## ŞANLY ÝYLYŇ ŞÖHRATLY GÜNLERI

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýylynda täze okuw möwsüminiň başlanmagy mynasybetli maýor Orazdurdy Meredowyň serkerdelik edýän harby bölüminde dabara boldy. Dabaranyň dowamynda maýor Orazdurdy Meredow, serkerdäniň orunbasary, podpolkownik Wladimir Gasparýan dagy türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň il-ýurt bähbitli, adamzat ähmiýetli alyp barýan işleri barada giňden durup geçdiler we täze okuw möwsüminiň başlanmagy bilen ähli harby gullukçylary gutladylar. Çäräniň soňunda çagyryş boýunça harby gullukçylara ilkinji «Kiçi seržant» harby atlary dakyldy.

***Kamila SEÝIDOWA,***
***kapitan.***

## ÜSTÜNLIKLER ARZUW EDILDI

Golaýda podpolkownik Sapar Berdiýewiň serkerdelik edýän harby bölüminde täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli dabara boldy. Podpolkownik Sapar Berdiýew, harby bölümiň serkerdesiniň orunbasarlary, maýorlar Yhlas Rejepow, Döwran Dosmämmedow, Begmyrat Welsahatow dagy täze okuw möwsüminiň başlanmagy mynasybetli gutlamak bilen, şahsy düzüme Watan goragynda, harby gullukda, ýylyň dowamynda geçiriljek okuw sapaklarynda, türgenleşiklerde üstünlikler arzuw etdiler.

***Jemşit ESENMÄMMEDOW,***
***kapitan.***

# TÜRKMENISTANYŇ IÇERI IŞLER MINISTRLIGINIŇ INSTITUTY OKUWA GIRMÄGE ISLEG BILDIRÝÄN DALAŞGÄRLERIŇ RESMINAMALARYNYŇ KABUL EDILIP BAŞLANANDYGYNY HABAR BERÝÄR

1. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutyna içeri işler edaralarynyň işgärlerine bildirilýän talaplara doly gabat gelýän, orta we orta hünär bilimli, çagyryş boýunça harby gullugy geçen, 2026-njy ýylyň 1-nji sentýabryna çenli 26 ýaşy dolmaýan erkek raýatlar, şeýle hem 18 ýaşdan kiçi bolmadyk we 23 ýaşy dolmadyk zenan raýatlar kabul edilýär.

2. Şu aşakdaky fakultetlere okuwa kabul edilýär:

— hukuk fakulteti;
— ýörite edaralar fakulteti;
— ýangyn-tehniki fakulteti;
— içerki goşunlar fakulteti.

3. Dalaşgärleriň resminamalary institutyň okuw merkezinde 2026-njy ýylyň 1-nji iýunyna çenli kabul edilýär.

***Salgysy: Aşgabat şäheriniň 2056-njy (Ş.Batyrow) köçesiniň 9-njy jaýy.***
***Telefon belgileri: 36-45-17, 36-44-97.***

# SERGIN SÄHERLI SERHEDIM

## WATANÇY GERÇEKLERIŇ BÄSLEŞIGI

Watan goragçylarynyň güni mynasybetli Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň harby bölümlerinde çeper-höwesjeňler toparlarynyň gatnaşmagynda «Watançy gerçekler» ady bilen bäsleşik geçirildi. Iki tapgyrda geçirilen bäsleşigiň netijeleri boýunça podpolkownikler Parahat Berdiýew, Nazarhan Ataýew, Merdan Tölekow hem-de maýor Amangeldi Ilmyradow dagynyň serkerdelik edýän serhet birikmeleriniň toparlary öňe saýlanmagy başardylar. Üstünlik gazanan toparlara we has tapawutly çykyş eden harby gullukçylara TMÝG-niň Merkezi geňeşiniň hem-de Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň Hormat hatlary, sowgatlary, höweslendiriji baýraklary gowşuryldy.

***Amanmyrat HOJATEKÄÝEW,***
***maýor.***

## GYZGALAŇLY WE JOGAPKÄRÇILIKLI DÖWÜR

Şu günler ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdeplerinde bolşy ýaly, Türkmenistanyň Serhet institutynda hem gyşky hasap-synag döwri dowam edýär. Harby talyplar okuw maksatnamasyna laýyklykda, öz hünär ugurlary boýunça okadylan dersleri talabalaýyk özleşdirendiklerini synaglaryň netijesinde doly subut etmegi başarýarlar. Ýokary harby bilim ojagynda okamak, öwrenmek üçin döredilen şertler, sanly ulgamyň mümkinçilikleri harby talyplaryň saýlap alan hünärlerini doly ele almaklarynda uly ähmiýete eýe bolýar.

***Ejegül ESENOWA,***
***maýor.***

## HÜNÄRMENLERE AK ÝOL

Podpolkownik Meýlis Amangeldiýewiň serkerdelik edýän harby bölüminde Döwlet serhediniň goragynda örän möhüm bolan seržantlary we hünärmenleri taýýarlamakda zerur işler alnyp barylýar. Golaýda hem bu harby bölümde gulluk itleriniň gözükdirijisi, gulluk atlarynyň çaparmany, aragatnaşykçy hem-de elektrik hünärine eýe bolan esgerleriň ençemesine degişli şahadatnamalaryň hem-de «Kiçi seržant» harby atlarynyň gowşurylyş dabarasy boldy. Dabaranyň dowamynda okuwda tapawutlanan harby gullukçylara ýadygärlik sowgatlary gowşurylyp, uçurymlara Döwlet serhediniň goragynda ak ýol arzuw edildi.

***Töre AGAMYRADOW,***
***kapitan.***

27-nji ýanwar — Watan goragçylarynyň güni

# MERTLIGIŇ HEM WATANSÖÝÜJILIGIŇ BAÝRAMY

Her ýylyň 27-nji ýanwarynda Watan goragçylarynyň güni döwlet derejesinde bellenilip geçilýär. Şol günlerde buýsanjymyz, mertebämiz, şanymyz bolan ata Watanymyzyň asuda, parahat durmuşynyň üpjün edilmegi ugrunda bitirilen işler göz öňünde tutulyp, harby we hukuk goraýjy edaralaryň wekillerine harby atlar we döwlet sylaglarynyň gowşurylmagy Watan goragçylarynyň alyp barýan işlerine özboluşly badalga bolýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Biz merdana Watan goragçylarynyň öz mukaddes borçlaryny



yhlasly hem döredijilikli gulluk bilen mynasyp ýerine ýetirmekleri üçin ähli şertleri döredýäris. Däp bolşy ýaly, ata Watanymyzda her ýylyň ilkinji aýynda mertlige hem watansöýüjilige beslenen baýram — Watan goragçylarynyň güni bellenilýär. 27-nji ýanwarda döwlet derejesinde bellenilýän bu baýramda paýtagtymyz Aşgabatda we welaýatlarymyzda ýokary derejeli baýramçylyk dabaralary geçirilýär» diýip belleýär.

Göwnümiziň görki, kalbymyzyň keşdesi — Watan. Watan — özüňi erkin duýmagyň esasy daýanç nokady. Watan barada akyldarlaryň aýdan ýürege ýakyn sözleri ýa-da tymsallary hem munuň şeýledigini görkezýär. Watan mukaddesligi ähli zatdan ýokarda. Watanda keramat bar. Ykballaryny öz ata Watanyna berk baglamagy başaran adamlaryň rüstemliginiň esasy sebäbi hem şunda. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň: «Watan iň beýik mukaddeslikdir» diýen sözleri adamzat taryhynyň dowamynda ençeme gezek subut edilen durmuş hakykatydyr.

Eziz Diýar hakynda aýdylan sözleriiň ýüreklere jüňklüginiň düýp sebäbi-de, onuň iň beýik mukaddeslige eýediginiň subutnamasydyr. Taryhyň menzilleriniň her bir pursady Watan mertebesini goramak, şanyna şan goşmak bilen bezelendir. Şahyr Gurbannazar Ezizowyň: «Biz näm bolsak, şo bolaly, // Bolsa bolýar eziz Watan!» diýen setirleri hem onuň mazmunynyň müdimilikdigini dabaralandyrýar. Bu setirler halkymyzyň: «Ata Watan aman bolsa, reňki-roýuň saman bolmaz» diýen paýhasynyň şahyrana beýan edilmesidir.

Watanyny ata hasaplaýan her bir ynsan, şahyrlygyna ýa-da serkerdeligine seretmezden, Watan ogludyr. Türkmen halkynyň «Görogly» şadessanynyň adybir gahrymany Görogly begiň ykbalyna nazar aýlap, görüň-ä?! Ol Öwez ogluny getirmäge gideninde ýol ugruna toýlarda myhman bolýar. Aýdym aýtsa ýeňýär. Göreş tutsa ýykýar. At çapyşyga gatnaşsa-da, bedew aty aýlawy baglaýar. Görogly hemme ýerde-de Görogly. Emma onuň ýüregi elmydama çardagly Çandybil ilindedir.

Halkymyzyň alyslara uzaýan taryhy kökleri nesilleriň Watana bolan söýginiň daşynda mäkäm jebisleşendiginiň subutnamasydyr. Bu barada Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly täze kitabynda: «Taryhy çeşmeler dünýä medeniýetiniň, ähli döwürler üçin gymmatly bolan ynsanperwer ýörelgeleriň baýlaşmagyna türkmen halkynyň goşan goşandynyň ägirt uludygyny tekrarlaýar. Gadymy döwürlerden başlap merdana ata-babalarymyz döwlet gurmagyň, diplomatiýany hem-de ykdysady gatnaşyklary ösdürmegiň kämil nusgasyny döredipdirler. Şol döwürlerden gözbaş alýan ýörelgeler häzirki zaman Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär» diýip, örän jaýdar belleýär.

Halk arasynda Watan, dogduk Diýar hakyndaky düşünjeler: «Gözüm açyp gören ýerlerim», «Dogduk obam», «Göbek ganymyň daman topragy», «Ata Watan», «Ene toprak» diýen ýaly çeper söz düzümlerinde gündelik ulanylýar. Öz ata Watanyňdan uzaklarda gezmek her bir ynsan üçin bu topraga küýsegdir. Iň bärkisi, öz öýüňden, ojagyňdan, maşgalaňdan saýlanyp, sähel uzaklykda ýaşaýan dostuňka myhmançylyga gideniňde-de, pikir-oýuň, göwnüň yzyňy küýsär. Bu maşgala mukaddesligidir. Watan bolsa, biziň umumy öýümiz, umumy maşgalamyz, göbek ganymyz daman topragymyzdyr. Bu barlyklar biziň egsilmez söýgimiziň badalgasydyr. Gahryman Arkadagymyzyň «Mertler Watany beýgeldýär» atly kitabynda beýan edýän: «Mähriban Watanymyza söýgi akyldarlaryň pähimdarlyk mülküniň göwheridir. Çünki her bir dana sözüň many ýüki onuň watansöýüjiligi ündeýänligindedir» diýen sözleri hem Watana bolan beýik söýgä ýugrulandyr.

Watan — mukaddeslik. Watanyň goragy hem mukaddesdir. Şeýle mukaddes wezipäni ýerine ýetirmekde bolsa her bir harby gullukçynyň öz mynasyp orny bardyr. Watan goragçylarynyň gününiň ýörite baýram edilmegi pederlerimiziň jandan ileri tutup goran Watanynyň hemişe ynamdar ellerdediginiň buýsançly beýanydyr. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň alyp barýan işleri hem ilatymyzyň, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň, ýurdumyzyň çäk bitewüliginiň, şeýle hem Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň müdimilik goragyna gönükdirilendir.

Goý, şeýle wezipäni ýerine ýetirýän Watan goragçylary baradaky aladany döwlet işiniň wajyp bölegine öwren Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, mertebeleri hemişe belent bolsun!

*Şöhrat MÜLKIÝEW,*
*Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň Aşgabat şäher gümrükhanasynyň harby gullukçysy, maýor.*

# ASUDALYGYŇ GORAGÇYLARY

Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen kalbyňy joşduryjy, köňlüňi buýsandyryjy ýörelgeleri ähli türkmenistanlylaryň ýürek törüne ganatly aýdym bolup ýazyldy, ykbal ýolunyň şamçyragyna, ýolgörkezijisine öwrüldi. Milli Liderimiz we hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň şahsy göreldeleri bolsa, watansöýüjiligiň, merdi-merdanalygyň, ynsanperwerligiň, Ýer ýüzünde dostana hyzmatdaşlygy we parahatçylyk söýüjiligi berkitmegiň milli nusgawy ýoluny emele getirdi. Watana bolan çäksiz söýgi, hyjuw ýüreginde gaýnap joşýan ruhubelent halkymyz bolsa jöwher paýhasly Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň öwüt-ündewleridir atalyk kitaplaryndan ruhlanyp, bagtyýarlygyň eşretli zamanynda ýaşaýarlar.

«Watan — bu şöhratly pederlerimiziň iň gymmatly mirasydyr» diýýän hormatly Belent Serkerdebaşymyz Watan goragçylary hakynda aýratyn alada edýär we ýaş nesilleriň watançylyk ruhunda terbiýelenmekleri, olaryň kämil ylymly-bilimli bolup ýetişmekleri üçin ägirt uly işleri durmuşa geçirýär. Milli ruhly, watansöýüji ýaşlary kemala getirmek bolsa, döwrüň möhüm talabydyr. Biziň ýurdumyzda gazanylýan üstünlikleriň, ösüşleriň gözbaşynda Watanymyza bolan uly buýsanç, çäksiz söýgi bar. Şol buýsanç hem-de söýgi ata-babalarymyzdan miras galan eziz Watanymyzyň, ene topragymyzyň eldegrilmesizligini, mizemezligini wepalylyk bilen goramakda bize ruhy ganat berýär.

Her ýylda bolşy ýaly, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýylynda hem Watan goragçylarynyň gününiň uly şatlyk-şowhun bilen, belent heňli aýdym-sazlara, dabaralara beslenip, ýokary ruhubelentlikde belleniljekdigini şu wagtdan görülýän ýokary derejedäki taýýarlyklar aýdyň subut edýär.

Goý, asudalygyň goragynda mäkäm durup, harby özgertmeleri durmuşa geçirýän hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň jany sag, başy dik, belent maksatly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

*Serdar ATAÝEW,*
*Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň Aşgabat şäher gümrükhanasynyň uly gözegçisi, maýor.*

# MERDANALYGYŇ NUSGALYK ÝOLY

Türkmen halky özüniň gadymy hem şöhratly taryhynda ata Watanymyzyň, mukaddes topragymyzyň abadançylygy, il-günüň asuda hem erkana durmuşy ugrunda göreşip, harby-gahrymançylygyň ajaýyp nusgasyny görkezipdirler. Ähli zatdan belentde durýan edermenlik, mertlik ýaly ýurt goraýan gerçeklere mahsus asylly häsiýetleri kemala getirýän bir mukaddes borç bar, oňa — Watany goramak diýilýär.

Geçmiş taryhymyza ser salanymyzda, adamzat öz ýaşaýşynyň kämilligi üçin döwleti, döwletliligi döredipdir. Döwlet bolmak üçin esasy şertleriň biri bolsa milli goşunyň bolmagydyr. Islendik döwletde-de Watany goramak, il-günüň abadan, asuda durmuşyny üpjün etmek, şol ýurduň milli goşunynyň baş maksady we esasy wezipesi bolup durýar.

Hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň: «Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň goranmak ukybyny we harby kuwwatyny pugtalandyrmak boýunça işler hemişe üns merkezinde saklanar» diýen sözleri bu ugurda amala aşyrylýan döwlet syýasatynyň özenini düzýär. Hut şu jähetden Gahryman Arkadagymyz parahatçylygy üpjün edýän, ýurdumyzyň asudalygyny polat galkan kimin goraýan gerçeklere «Adatça, mertler Watany beýgeldýär, Watan bolsa mertleri beýgeldýändir» diýip ýüzlenýär. Çünki Watany beýgeldýän mertler milli goşunymyzyň hatarynda wepalylyk we ygrarlylyk bilen gulluk edýärler.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ösüşiň täze belentliklerine uzaýan ýolda Watan mukaddesligi ösüşlerimize esasy gönezlikdir. Hormatly Prezidentimiziň ägirt uly aladalary hem-de halkymyza bolan söýgüsi bilen gurşalan ýurdumyzyň abadan durmuşynyň, asudalygynyň goragçylary bolan türkmen serkerdeleri, edermen gerçekleri bu gün merdana pederlerimiziň mertlik, gahrymançylyk däplerini dowam etdirip, ata Watanymyzyň asudalygyny, eldegrilmesizligini goraýarlar.

Goý, şeýle jogapkärli wezipäni ýerine ýetirmäge ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

*Geldi PARÇAMOW,*
*Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň harby gullukçysy, maýor.*

## ÝYLYŇ ŞYGARY — KALBYŇ ÇYRAGY

Golaýda polkownik Ilaman Gurbansähedowyň serkerdelik edýän harby bölüminde serkerdäniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary, podpolkownik Mergen Rozyýewiň ýolbaşçylygynda TMÝG-niň etrap geňeşiniň esasy hünärmeni Hajar Garryýewa, welaýat kitaphanasynyň bölüm müdiri Akmaral Şammyýewa dagynyň gatnaşmagynda 2026-njy ýylyň — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagy mynasybetli dabara geçirildi. Çäräniň dowamynda çykyş edenler berkarar Watanymyzyň ösüşlerini we türkmen halkynyň köpasyrlyk taryhynda hem-de özbaşdak ösüş ýolunda bedew atlaryň milletimiziň ynamdar we ygtybarly ýoldaşy hökmünde aýratyn orun tutýandygyny, şeýle-de atlara degişli taryhy gymmatlyklar barada gürrüň berdiler.

*Keýik ŞIROWA,*
*maýor.*

## TÜRKMENIŇ IŞIGI ATLY BOLSA, TÖRI DÖWLETLI BOLAR

Ýakynda maýor Tuwakmämmet Ýaryýewiň serkerdelik edýän harby bölüminde 2026-njy ýylyň — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegine bagyşlanyp dabara guraldy. Oňa ýerli seýisler we ýaşuly nesliň wekilleri hem gatnaşdylar. Dabaranyň dowamynda halkymyzyň ömürlik ýoldaşy, söweşde söwer gardaşy, toý-baýramlarda buýsanjy hasaplanýan ahalteke bedewleri barada ussat seýisleriň we hormatly ýaşulularyň aýdyp beren gyzykly gürrüňleridir rowaýatlary harby gullukçylarda uly täsir galdyrdy.

*Orazmuhammet MUHAMMEDOW,*
*podpolkownik.*

## ŞANLY ÝYLYŇ ŞATLYKLY GÜNLERI

Golaýda polkownik Amangeldi Berdiýewiň ýolbaşçylyk edýän garnizonyndaky maýor Azat Orazdurdyýewiň serkerdelik edýän harby bölüminde 2026-njy ýylyň — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagy hem-de hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly ajaýyp kitaby mynasybetli hormatly ýaşulularyň, TMÝG-niň etrap geňeşiniň, etrap medeniýet bölüminiň wekilleriniň gatnaşmagynda dabara boldy. Etrabyň medeniýet bölüminiň sungat ussatlarynyň aýdym-sazly çykyşlary dabara uly joşgun çaýdy.

*Pena ALLABERDIÝEW,*
*maýor.*

Ýöriteleşdirilen harby mekdepden

# BELENT MERTEBEDIR WATAN GORAGY!

*Ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamynda alnyp barylýan özgertmeler döwrüň ösüşi bilen aýakdaşlykda giň gerim alýar. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzyň dürli künjeklerinde umumybilim berýän orta mekdepleriň, şol sanda ýaş harby Watançylaryň bilim ojagy bolan TGM-niň Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň ulanylmaga berilmegi-de muňa mysaldyr. Tehnologiýanyň soňky gazananlary bilen üpjün edilen harby bilim ojagymyzda ylymly-bilimli, ilhalar, Watanymyza, halkymyza, Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza wepaly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek üçin ähli mümkinçilikler döredilendir.*

Harby mekdepde berilýän bilim, tälim-terbiýe watansöýüjilik mekdebidir, mertlik-merdanalyk sapagydyr. Şoňa görä-de, bilim ojagymyzyň binalar toplumynda elektron kitaphana, lazer atyşhana türgenleşik zaly, paraşýut, at simulýator otaglary, türgenleşik sport zaly, milli göreş, stoluň üstünde oýnalýan tennis we taktika, söweşe taýýarlyk otaglary hem bar. Programma üpjünçiligi islendik howa, şol sanda meýdan şertlerinde taktiki we söweş hereketlerini amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Şeýle-de ýaş harby watançylarymyzyň boş wagtlaryny peýdaly geçirmek maksady bilen mekdebimiziň çäginde küşt, ýaş radiosöýüjiler, agaç ussasy gurnaklary hereket edýär. Döredilen mümkinçilikleriň ählisi harby okuwçylara öňdebaryjy tehnologiýalara erk etmegiň diňe bir nazary däl, eýsem, amaly başarnyklaryny ele almaga hem mümkincilik berýär.

Hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň: «Watan — adamzat ömrüniň manysy. Jandan eziz, ynamdan, ygrardan, gudratdan döräni, Hakyň nazary siňen ata Watan her bir ynsanyň kalbynda ebedi ýaşaýar. Gözüň gören topragy, ýüregiň aram tapan mekany bolsa, kalp çuňlugyndan doguma, gaýrata, mukaddes kelama siňip, adamzadyň watançylyk duýgusynyň iň naýbaşy nusgasy hökmünde beýan edilýär» diýen pähimli sözlerine eýerýän ýaş Watan goragçylary gözel ýurdumyzyň goragynda sak durýarlar. Çünki bu jümleler Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Watan goragçylarynyň täze nesline bildirýän belent ynamyndan nyşandyr.

*Gapur BAÝAROW,*
*TGM-niň Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary — okuw bölüminiň müdiri, podpolkownik.*











## ÝAŞ WATANÇYLARYŇ DIL BILIMINE HÖWESI

Ene dilimiz milli medeniýetimiziň, edebi mirasymyzyň berk binýadydyr. Geljekki Watan goragçylarynyň ene dilimize çuňňur düşünmeklerini gazanmak, olarda sözleýiş medeniýetini ösdürmek — biziň baş maksadymyz. Çünki öz ene dilini çuňňur öwrenmek, ýaş watançylaryň pikirleriniň aýdyň, sözleriniň many-maňyzly bolmagyna, aň-düşünjeleriniň ösmegine ýardam edýär. Ene dilini kämil bilmek bilen bir hatarda, daşary ýurt dillerini-de kemsiz öwrenmek harby gullukçylaryň has dogumly, başarjaň, ugurtapyjy bolmagyna täsir edýär.

Biz hem türkmen dili we edebiýaty mugallymy hökmünde sapaklarymyzda harby okuwçylaryň sözleýiş medeniýetini ösdürmekde okatmagyň döwrebap usullaryndan peýdalanýarys. Sözleýiş dilini ösdürmek sapagyny, köplenç, bäsleşik, oýun görnüşinde gurap, synpyň harby okuwçylaryny toparlara bölüp bäsleşdirýäris. Şeýle usullar daşary ýurt dillerini öwredýän sapaklarda hem giňden ulanylyp, ol harby okuwçylaryň gyzyklanmasyny has-da artdyrýar.

Döredilýän şeýle mümkinçilikler biz — mugallymlary mukaddes kärimizde has-da tutanýerli we döredijilikli işlemäge, harby okuwçylara bilim-terbiýe bermegiň netijeli, öňdebaryjy usullaryny iş tejribämize ornaşdyrmaga, munuň üçin bolsa hemişe gözlegde bolmaga borçly edýär.

Halk bähbitli şeýle döwletli işleri amala aşyryp, ata Watanymyzyň abraýyny dünýä ýaýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

*Tawus ÖWEZGULYÝEWA,*
*TGM-niň Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy.*

## MUKADDESLIGE SARPA

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda ylym-bilim ulgamy täze ösüşlere eýe bolýar. Şundan ugur alýan harby mekdebimiziň okuw otaglary döwrebap multimediýa serişdeleri, interaktiw okuw enjamlary, häzirki zaman kompýuterleri bilen enjamlaşdyrylan bolup, bu ýerde elektron kitaphananyň, türgenleşik zalynyň, taktiki söweşe taýýarlyk üçin otaglaryň bolmagy harby okuwçylaryň sazlaşykly ösmeklerine, dünýä derejesinde bilim almaklaryna ýardam edýär. Döredilýän şeýle ajaýyp mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanýan, Watan goragy ýaly mukaddes borjy geljekki kesbi-käri hasaplaýan biz — ýaş watançylar hem özümize bildirilen ynamy aňryýany bilen ödemek üçin yhlasly okap, bilim alýarys.

Watan ogly bolmak — her bir türkmen ýigidi üçin mukaddes borç. Watana wepaly gulluk etmek bolsa hemmämize parzdyr. Her ýyl Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli geçirilýän dabaraly ýörişe göni ýaýlym arkaly tomaşa edenimde şol harby gullukçylaryň hataryna goşulyp, belent münberiň öňünden geçmegi arzuw edýärdim. Harby okuwçy bolmagym bilen şol arzuwlar wysala öwrüldi. Şeýle arzuwlar biz — ýaş harby okuwçylaryň ählisine mahsus häsiýet. Çünki Watan mukaddesdir. Onuň hatyrasyna edilen işler hem beýikdir. Şeýle asylly işlere goşant goşmak bolsa her birimiziň arzuwymyz.

*Annaberdi ANNABERDIÝEW,*
*harby mekdebiň okuwçysy.*

# ÖSÜŞIŇ BELENT SEPGITLERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her güni, her ýyly şatlykly wakalara beslenýär. 2026-njy ýylyň — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagy mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk şanly toýunyň buşlukçysy boldy.

Täze ýylda bedewlerimize aýratyn ornuň berilmegi hem tötänleýin däldir. Sebäbi at biziň milli buýsanjymyz we döwletimiziň bedew batly ösüşiniň nyşanydyr. «At — myrat» diýen pähime eýerýän halkymyz üçin bu şygar, ýetilen belent sepgitleriň, täze menzilleriň şamçyragydyr. Şeýlelikde, täze ýylyň şygarynda atyň adynyň tutulmagy, ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda bedew bady bilen öňe barylýandygynyň, milli mirasymyza bolan çuňňur sarpanyň we geljege bolan uly ynamyň beýanydyr.

Geçen 2025-nji ýyla nazar salanymyzda hem ýurdumyzda düýpli ösüşleriň gazanylandygynyň şaýady bolýarys. Ykdysady, syýasy, ylym-bilim, medeniýet, saglygy goraýyş ulgamlarynda gazanylan netijeler biziň gülläp ösýän döwletimiziň kuwwatyny bütin dünýä äşgär edýär. Häzirki wagtda ýurdumyz dünýä giňişliginde parahatçylygyň, dostlugyň we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň, ynanyşmagyň nusgasyny görkezýär. Energetika, ulag-logistika we ekologiýa ýaly möhüm ugurlarda öňe sürülýän halkara başlangyçlar dünýä bileleşigi tarapyndan giňden goldanylýar. Bu bolsa ýurdumyzyň halkara abraýynyň barha ýokarlanýandygynyň aýdyň görkezijisidir. Geçen ýylda baky Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly baýramy mynasybetli durmuşa geçirilen möhüm çäreler we maslahatlar, halkara derejesindäki forumlar ýurdumyzyň abraýyna abraý goşdy.

Bilşimiz ýaly, Türkmenistan sebitde parahatçylygyň we ylalaşygyň merkezi bolup durýar. Ýurdumyz oňyn Bitaraplyk ýörelgesine ygrarly bolmak bilen, «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly taglymatdan ugur alyp, BMG we beýleki iri halkara guramalar bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk saklap, möhüm çäreleri durmuşa geçirýär. Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ulag boýunça onýyllygy (2026 — 2035-nji ýyllar)» we «Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny» atly Kararnamalaryň kabul edilmegi geçen ýylyň soňky günlerinde bolup geçen möhüm taryhy wakalardyr. Bu hem Gahryman Arkadagymyzyň saýasynda, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýän oňyn Bitaraplyk syýasatynyň guwandyryjy netijesidir.

Hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» diýen parasatly ýörelgesinden ugur alyp, ylym-bilim ulgamynda hem düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. 2025-nji ýylda bilim ulgamynyň maddy-tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmak baradaky taryhy çözgütler jemgyýetimiziň intellektual derejesiniň ýokarlanmagyna itergi berdi. Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň dünýäniň abraýly uniwersitetleri bilen hyzmatdaşlygy berkidilýär. Talyp ýaşlarymyzyň halkara ders we sport bäsleşiklerinde gazanýan üstünlikleri bolsa ylym-bilim, sport ulgamlaryndaky buýsançly netijelerimiziň aýdyň subutnamasydyr.





Häzirki wagtda türkmen ýaşlary döwrebap tehnologiýalary özleşdirip, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklaryna, aýratyn-da, gurluşyk we binagärlik ulgamyna täzeçil çözgütleri hödürleýärler. Bu bolsa döwrebap nesliň kemala gelýändigini görkezýär.

Ylym-bilim — durnukly ösüşiň sarsmaz binýady. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda bilim ulgamynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler ýaşlarymyzyň dünýä ülňülerine laýyk gelýän hünärmenler bolup ýetişmegine giň ýol açýar. Aýratyn-da, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda talyplaryň amaly ukyplaryny ösdürmek üçin döredilen döwrebap barlaghanalar we taslama merkezleri ýaş binagärleriň we inženerleriň kemala gelmeginde uly orny eýeleýär.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň dünýäniň abraýly uniwersitetleri bilen özara tejribe alyşmagy, bilelikdäki ylmy-amaly maslahatlary geçirmegi türkmen ylym-biliminiň dünýä giňişligine işjeň goşulyşýandygynyň şaýadydyr. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamy diňe bir milli däl, eýsem, halkara derejesinde iň kämil tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylýar. Bu bolsa ýurt ykbalyny ýaşlara ynanýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen 2026-njy — Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň belent sepgitleriniň ylym-bilim ulgamynda hem mynasyp dowam edýändigini görkezýär.



«At agynan ýerde toý bolar» diýlişi ýaly, bu ýylymyz hem toýdur baýramlara, şanly wakalara beslenýär. Goý, ýurdumyzy bedew batly ösüşler bilen öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli tutýan tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

***Gülzira NARBAÝEWA,***
***Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.***

# ZENAN SARPASY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Türkmen halkynyň milli ýörelgelerinde aýratyn orun alan zatlaryň biri-de zenan maşgala goýulýan hormat-sarpadyr. Ol taryhymyzyň dowamynda ata-babalarymyzyň öz maşgalasyna bolan sylagy, söýgüsi, hormaty esasynda döräp, nesilden-nesle geçip gelipdir. Gahryman Arkadagymyzyň «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» atly kitabynda-da türkmen halkynyň müňýyllyklaryň dowamynda zenan mertebesiniň belentde saklanyp gelnendigi barada nygtalýar.



Zenan — durmuşyň bezegi. Zenan diýlende, säher şemaly ýaly mylaýymlyk, bahar gülleri ýaly owadanlyk göz öňüne gelýär. Türkmen zenanlary gadym döwürlerden bäri asyllylygyň ýokary nusgasy bolup gelipdirler. Olaryň edep-ekramy, el hünäri nesilden-nesle geçip, şu günki bagtyýar durmuşymyza ýaraşyk berýär.

Häzirki wagtda dünýä jemgyýetçiligi durnukly ösüş, parahatçylyk ýaly ileri tutulýan ugurlarda hyzmatdaşlygyň täze ýollaryny gözleýär. Şeýle möhüm işlerde zenanlaryň jemgyýetdäki ornuny pugtalandyrmak, olaryň aň-ruhy, jemgyýetçilik mümkinçiliklerini ulanmak aýratyn ähmiýete eýedir. Bu babatdaky işler döwletimiziň öňe sürýän başlangyçlarynda öz beýanyny tapýar.

Ýurdumyzda ata-babalarymyzyň milli ýörelgelerine esaslanyp, olaryň döwleti dolandyrmakdaky baý tejribesinden, ynsanperwer ýörelgesinden ugur alnyp, maşgala gymmatlygyny, mukaddesligini, milli däp-dessurlarymyzy gorap saklamak, pederlerimiziň halallyk ýörelgelerine ygrarly, päk ahlakly, ylymly-bilimli, kämil nesilleri kemala getirmek babatda dünýä nusgalyk işler amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda gender deňliginiň üpjün edilmegini kepillendirýär. Esasy Kanunymyzyň 29-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanda erkekleriň we aýallaryň deň hukuklary we azatlyklary, şeýle hem olary durmuşa geçirmek üçin deň mümkinçilikleri bardyr. Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 50-nji maddasynda: «Är-aýal maşgalada öz gatnaşyklaryny özara hormat goýmak we özara kömek bermek esasynda gurmaga, maşgalanyň abadançylygyna we pugtalandyrylmagyna ýardam etmäge, öz çagalarynyň maddy hal-ýagdaýy we ösüşi barada alada etmäge borçludyrlar» diýlip kesgitlenendir.

Gender deňligini üpjün etmek, aýallaryň we gyzlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini has-da giňeltmek Durnukly ösüş maksatlarynyň biri bolup durýar. Şol maksatlardan ugur alnyp, Türkmenistanda gender deňligi işjeň durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda erkekler we aýallar üçin deň hukuklary we mümkinçilikleri döretmek maksady bilen kanunçylyk we guramaçylyk çäreleri alnyp barylýar. Gender deňligi aýal-gyzlaryň ýurdumyzyň durmuş-ykdysady we medeni ösüşine mundan beýläk-de has işjeň gatnaşmagy ýaly wajyp ugurlary öz içine alýan maksatnamalarymyzda öz beýanyny tapýar. Munuň özi bolsa ýurdumyzyň gender deňligini üpjün etmek boýunça öňe sürýän başlangyçlaryna doly derejede ygrarlydygyny tassyklaýar. Ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmekde «Aýallaryň we erkekleriň deň hukuklarynyň we deň mümkinçilikleriniň üpjün edilmeginiň döwlet kepillikleri hakynda», «Adalatçy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň kabul edilmegi möhüm ädimleriň biri boldy.

Hormatly Prezidentimiziň degişli Kararyna laýyklykda, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň öňüsyrasynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek» atly halkara maslahatyň geçirilmegi hem özboluşly many-mazmuna eýedir.

Zenanlaryň türkmen jemgyýetindäki, maşgaladaky orny nakyllarda we atalar sözlerinde-de örän ýerlikli beýan edilipdir: «Asyl aýal öýüne bezeg», «Är getirer, aýal biterer», «Ýagşy aýal öý bossany», «Aýal bar öýde döwlet bar», «Aýal är bilen, daýhan ýer bilen». Çünki dünýä ýaň salan beýik geçmişde adamzadyň iň asylly gylyk-häsiýetlerini özünde jemlän türkmen gelin-gyzlary Watany, ar-namysy goramakda, türkmen medeniýetiniň baýlaşmagynda ajaýyp hyzmatlary bitiripdirler.

Goý, türkmen jemgyýetinde zenan sarpasyny has-da belende galdyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

***Gülzar AŞYROWA,***
***Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň uly ylmy işgäri.***

Häzirki wagtda Gahryman Arkadagymyzyň döwletli taglymatynda hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa geçirýän içeri we daşary syýasatynda ynsanperwer gatnaşyklara esaslanýan çagalar, ýaşlar, geljek baradaky alada jemgyýeti jebisleşdirmegiň, döwlet berkararlygyny pugtalandyrmagyň möhüm ähmiýetli ugurlarynyň, depginli ösüşiň esasy şertleriniň biri bolup durýar. Şunda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň ähmiýeti örän uludyr.





# ÝAGŞYLYK, YNSANPERWERLIK — SAHAWATLYLYK ÝOLY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň saglygy goraýyş edaralarynyň işi barha kämilleşdirilýär. Hususan-da, çagalaryň saglygyny goramak maksady bilen, häzirki zamanyň iň ýokary talaplaryna laýyk gelýän enjamlar bilen üpjün edilen sagaldyş-dikeldiş merkezleri gurulýar. Arkadag şäherindäki Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde döredilen amatly şertler munuň aýdyň subutnamasydyr. Gaznanyň howandarlygynda çagalary terbiýelemek, olaryň ýörite orta, ýokary bilim almaklary bilen bagly meseleler hem döwletimiziň hemişe üns merkezinde durýar.

Gahryman Arkadagymyzyň adyny göterýän haýyr-sahawat gaznasy diňe bir türkmenistanly çagalara däl, eýsem, zerur bolan halatynda, dünýä ýurtlarynyň çagalaryna-da Türkmenistanyň adyndan hemaýat bermek işlerini alyp barýar. Türkiýede bolup geçen pajygaly ýertitremede ejir çeken çagalara, Ukrainanyň çagalaryna, doganlyk Owganystanyň halkyna, Russiýa Federasiýasynyň Primorskiý ülke sebitiniň çagalaryna bu gaznanyň kömek bermeginde derman we saglygy goraýyş maksatly serişdeler, dokma we dürli azyk önümlerinden ybarat bolan ynsanperwer ýükleri iberildi. Bu haýyr-sahawat işleri türkmen halkynyň ynsanperwer ýörelgelerine we däp-dessurlaryna esaslanýar hem-de döwletleriň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyk, dostluk gatnaşyklarynyň binýadyny has-da berkidýär.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýylynda-da Gahryman Arkadagymyzyň ynsanperwer başlangyçlary Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan mynasyp dowam etdirilýär. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan hoşniýetli syýasaty esasynda halkymyzyň däp-dessurlaryny saklamak, ýaş nesli milli ahlak ýörelgeleri esasynda terbiýelemek üçin oňaýly şertler döredilýär. Şeýle hem çagalar baradaky hemmetaraplaýyn alada, olaryň beden hem-de ruhy taýdan sagdyn ösüp ýetişmekleri üçin amatly şertleri döretmek, ýaşlaryň ylma-bilime, saglygy goraýşa bolan hukuklaryny üpjün etmek we beýleki köp sanly aladalar döwletimizde amala aşyrylýan durmuş maksatly syýasatyň möhüm ugry bolmagynda galýar. Ýaşlaryň beden we ruhy taýdan sagdyn ösüp kemala gelmekleri üçin durmuşa geçirilýän işler nesilleri ruhy-ahlak taýdan jebisleşdirýär.

Goý, ýaş nesiller barada döwlet derejesinde alada edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

***Begenç HANNYÝEW,***
***Myrat Garryýew adyndaky TDLU-nyň doktoranty.***

# ÝURDUMYZYŇ YKDYSADY KUWWATY

Häzirki zamany ykdysady ösüşleriň we mümkinçilikleriň döwri diýip atlandyrmak bolar. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň saýasynda, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda asyrlara barabar işler amala aşyrylyp, ähli pudaklar boýunça ýokary üstünlikler gazanylýar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň wajyp strategiki wezipeleri, esasan-da, ylmy-önümçiligi ösdürmäge, bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmäge gönükdirilen täze maglumat tehnologiýalaryny işläp taýýarlamak we ony durmuşa ornaşdyrmak, senagat, ylmy-tehniki mümkinçiligi ýokarlandyrmagyň hasabyna milli ykdysadyýetiň bähbitlerini üpjün etmek bolup durýar. Şonuň üçin hem biziň esasy maksadymyz ylym-bilim özgertmelerini amala aşyrmak bilen, onuň täze gazananlaryny we öňdebaryjy tejribelerini halk hojalygynyň ähli pudaklaryna ornaşdyrmakdan ybaratdyr.

Soňky onýyllyklaryň dowamynda dürli ugurlar boýunça ägirt uly ykdysady ösüşler gazanylyp, halkyň maddy hal-ýagdaýy ýokarlandyryldy. Bu bolsa jemgyýetde durmuş özgertmeleriniň amala aşyrylmagy we ýurduň ykdysadyýetiniň depginli ösmegine ýardam etdi. Geçen ýylyň dowamynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemi boýunça gazanylan ösüşlere nazar aýlanymyzda-da, ýokary netijelere eýe bolunýandygyny görmek bolýar. Bulardan başga-da, hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän işjeň maýa goýum syýasatynyň netijesinde düýpli özgertmeler amala aşyrylyp, durmuşyň ähli ulgamlarynda oňyn öňegidişlikler gazanylýar. Häzirki wagtda Türkmenistanda amala aşyrylýan giň möçberli özgertmeleriň toplumyny ýurdy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň täze ugry hökmünde görkezmek bolar.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelere laýyklykda, ykdysadyýetimiziň hem-de jemgyýetçilik durmuşymyzyň ähli ugurlarynda amala aşyrylýan işler, gazanylýan guwandyryjy netijeler ýurdumyzyň bedew bady bilen öňe ilerläp, täze ösüşleri gazanýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Häzirki döwür üçin kabul edilen maksatnamalaryň çäklerinde pudaklary ösdürmek, ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, halkara bazar gatnaşyklarynda ýurduň eýeleýän ornuny pugtalandyrmak esasy wezipeleriň biri hökmünde kesgitlenildi.

Ýurdumyzyň esasy durmuş-ykdysady ösüşiniň görkezijileriniň ýokarlanmagy, adam hakyndaky aladanyň döwlet syýasatymyzyň ileri tutulýan ugrudygyny tassyklaýar. Şeýlelikde, ýurduň ykdysady özgertmeleri önümçiligiň ösüşine, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna, bir söz bilen aýdylanda, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň umumy kuwwatynyň ýokarlanmagyna gönükdirilendir.

***Oguljennet JUMABAÝEWA,***
***Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň uly mugallymy.***

# KADALARY BERJAÝ EDELIŇ!



Hereket üçin amatly, ähli mümkinçilikler döredilen giň şaýollarda ulag tizliginiň bellenen kadalara laýyk berjaý edilmegi, eziz Diýarymyzda ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almaga, sürüjileriň we pyýadalaryň hukuk medeniýetini ýokarlandyrmaga ýardam edýär. Ýollarda gurnalan sanly, döwrebap hereket sazlaýjy ýolyşyklaryndan peýdalanýan sürüjileriň we pyýadalaryň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugy Türkmenistanyň ýol hereketiniň kadalarynda çatryk barada bellenen umumy düşünjeler bilen baglanyşykly şulary ýatladýar:

— ulagyň sürüjisi ýolyşygyň ýaşyl duýdurmasy boýunça çepe ýa-da yza öwrülen mahaly, garşydan göni ýa-da saga hereket edip gelýän ulaglara ýol bermäge borçludyr;

— ýolyşygyň rugsat ediji duýdurmasynda çatryga giren sürüji, ýolyşygyň duýdurmalaryna garamazdan, çatrygy boşatmaga borçludyr;

— eger dyknyşyk emele gelip, sürüjini kesilip geçilýän ugurdaky ulaglaryň hereketine päsgel berip durmaga mejbur etjek bolsa, çatryga ýa-da gatnaw bölekleriniň kesişýän ýerlerine girmek gadagandyr.

Hormatly sürüjiler! Ýolyşygyň ýaşyl çyrasynyň gyrpyldap ugramagy ýa-da sary reňkiniň ýanmagy, siziň dolandyrýan ulagyňyzy saklamagyňyz, çatrygyň çep we sag tarapyndaky ulaglaryň bolsa, herekete girişmäge taýýarlanmagy üçin duýduryşdyr. Şeýle hem ýolyşygyň ýaşyl duýdurmasynyň gyrpyldap ugramagy, ýoluň degişli ugrundaky sürüjilere 3-4 sekuntdan gatnaw mümkinçiliginiň ýapyljakdygy baradaky duýduryşdyr. Şeýle ýagdaýda esasy göni ýol boýunça hereket edýän sürüjileriň çatrygyň sagynda ýa-da çepinde garaşyp duran ulaglaryň hereketine üns bermegi hökmanydyr.

Ýolyşygyň ýaşyl çyrasynyň gyrpyldap ýa-da sary reňkiniň ýanan pursadynda, şeýle-de gyzyl we sary duýdurmalaryň utgaşmagy hereketiň başlanmagyny gadagan edýär. Şol wagt hereketi ýokarlandyrylan tizlik bilen dowam etmek ynsan jany üçin örän howpludyr.

Hormatly sürüjiler we pyýadalar, ýol hereketiniň kadalaryny doly we dogry berjaý edeliň! Ýoluňyz ak bolsun, eziz watandaşlar!

***Juma PYGYÝEW,***
***Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi müdirliginiň uly gözegçisi, polisiýanyň podpolkownigi.***

ESGER
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI
hepdelik gazet
Baş redaktor
Serdar MYRADOW

Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edilýär. Redaksiýa gelýän hatlara jogap, syn berilmeýär we golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar.

Gazetiň belgisi - 69457.
Möçberi - 4 sahypa.
Ölçegi - A2.
A—117960
Sany - 23200

Gazetiň asyl nusgasy «ESGER» gazetiniň Kompýuter merkezinde taýýarlandy.

Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär.
Telefon belgisi: 39-95-36.

TELEFON BELGILERIMIZ:
Kabulhana, faks - 38-62-23.
Jogapkär kätip - 38-61-93.
Bölümler - 38-61-94, 38-62-16, 38-62-72, 38-62-25, 38-62-27.

SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly — 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

E-mail: esger-gazeti@sanly.tm

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň penşenbe güni çykýar.
Bahasy 30 teňňe.